# IŇ ADAM HUKUKLARY BARADA SYÝASATY

CCI'M HUMAN

“Coca-Cola İçecek-de (CCI) 10,000-den gowrak adam işleýär we öz işini Azerbaýjan, Bangladeşde, Yrak, Iordaniýa, Gazagystan, Gyrgyzystan, Päkistan, Siriýa, Täjigistan, Türkiýe, Türkmenistan we Özbegistan ýurtlarynda alyp barýar”.

**Adam Hukuklaryny Sylamak**

Adamlaryň hukuklaryny sylamak CCI-iň esasy gymmatlyklarynyň biridir. CCI'da biz işgärlerimiz, üpjün edijilerimiz, biznes boýunça hyzmatdaşlarymyz we biziň hyzmat edýän jemgyýetimiz bilen gatnaşyklarymyzda adamyň hukuklaryny sylaýarys we öňe sürýäris. Bu Syýasat Bütindünýä Adam Hukuklar barada Deklarasiýasynda, şol sanda Halkara Hukuklar barada Kanunda, Halkara Zähmet Guramasynyň 1998-nji ýylyndaky Iş Ýerinde Esaslandyryjy Ýörelgeler we Hukuklar barada Deklarasiýasynda, Birleşen Milletler Guramasynyň Global Compact Maksatnamasynda we Birleşen Milletler Guramasynyň Biznes we Adam Hukuklary barada Ýol görkeziji ýörelgelerinde bar bolan halkara adam hukuklar ýörelgelerine esaslanýar.

Bu syýasat Coca-Cola İçecek şirketine, biziň eýeçiligimizdäki, ep-esli paýy bize degişli bolan kärhanalaryna, biziň dolandyrýan desgalarymyza degişlidir. Ondan daşary, CCI ähli üpjün edijilerinden we biznes hyzmatdaşlaryndan hem bu ýörelgeleri berjaý etmeklerini garaşýar we olaryň hem meňzeş syýasatlary kabul etmeklerini ündeýär.

Biz adamlara ýetirilip biljek howplary ýüze çykarmak we olara ýol bermezlik üçin düzgünleri berk berjaý edýäris. Işimiziň netijesinde ýa-da şol sebäpli adam hukuklaryny bozýan täsirleri ýüze çykaran ýerimizde, biz adalatly we dogry düzediji çäreleri üpjün etmäge çalyşýarys.

Adam Hukuklary barada Syýasatyna CCI-iň Ýerine Ýetiriji Topary gözegçilik edýär.

**Jemgyýet we Gyzyklanýan Taraplar bilen Baglanyşyk**

Biz işimizi alyp barýan jemgyýetiň bir bölegi bolup durýandygymyza düşünýäris. Biz olaryň pikiri eşidilýän we göz öňünde tutulýan söhbetdeşlik arkaly şol jemgyýetler we ol jemgyýetdäki adamlar bilen şol sanda iň ejiz we mümkinçilikleri çäkli bolan toparlary bilen olar üçin wajyp bolan adam hukuklary bilen bagly meseleler babatynda baglanyşyk saklaýarys.  Ýerlikli bolan ýerde, biz öz işimize degişli adam hukuklary bilen bagly meseleler boýunça köpçülikleýin jemgyýetler we gyzyklanýan taraplar bilen baglanyşyk saklaýarys.

**Tapawutlylyk we Dahyllylyk**

CCI'da biz bile işleşýän adamlaryň tapawutlylygyny sylaýarys we goldaýarys, şeýle hem her kim özüni dahylly duýmagyny gazanjak bolýarys. Biz işe almak, wezipede galdyrmak, ösüş we öwezi tölemek bilen bagly kararlary işgärleriň öndürijiligi, ukyplary, tejribesi we goşýan goşandyna esaslanyp kabul edilmegini we her bir adamyň deň mümkinçilikleriniň bolmagyny gazanjak bolýarys. Iş ýerinde tapawutlylyk maksatlara ýetmek üçin esasy şertleriň biri bolup durýar. Şeýlelikde, biz öz arasynda tapawutlanýan we tapawutlyklara çydamly bolan işgärleri işe almaga, ýetişdirmäge we saklamaga çalyşýarys.

**Arbitraž Diskriminasiýasy**

Biziň iş ýerimizde raýatlygyna, jynsyna, endamynyň reňkine, milletine ýa-da durmuşy taýdan gelip çykyşyna, tire-taýpasyna, dinine, ýaşyna, maýyplygyna, jynsy orientasiýasyna, syýasy düşünjelerine ýa-da kanun tarapyndan goralýan başga bir islendik ýagdaýyna görä diskriminasiýanyň ähli görnüşleri, azar berme we mertebesiniň peseldilmegine ýol bermezlik üçin ýadawsyz işleýäris.

Biz diskriminasiýanyň, erjelligiň, mertebäni peseldýän ýa-da laýyk gelmeýän hereketlere, adalatsyz garaýyşlara we haklaşmalaryň islendik görnüşlerine hiç hili çydamlylyk bildirmeýäris.

**Birleşikleri guramak we Köpçülikleýin Şertnama baglaşmak azatlygy**

Biz işgärlerimiziň hiç hili çekindiriljegine, gorkuzyljagyna ýa-da azar beriljegine gorkusy bolmazdan kärdeşlik birleşiginiň agzasy bolmaga, ýa-da guramaga ýa-da onuň agzasy bolmazlyga bolan hukuklaryny sylaýarys. Işgärleri hukuk güýji bolan birleşik tarapyndan wekilçilik edilende, biz olaryň erkin ýoly bilen saýlanan wekili bilen konstruktiw söhbetdeşligi alyp barmakda gyzyklanýarys. CCI bular ýaly wekiller bilen gowy niýet bilen gepleşikleri geçirmäge borçlanýar.

**Howpsuz we Sagdyn Iş Ýeri**

Biziň işgärlerimiziň howpsuzlygy we saglygy iň uly ähmiýete eýedir. Biziň syýasatymyz howpsuz we sagdyn iş ýerini üpjün etmekden şeýle hem howpsuzlyk we saglyk ugrunda hereket edýän kanunlary we düzgünleri, hem-de içki talaplary berjaý etmekden ybaratdyr.

**Iş ýeriniň Howpsuzlygy**

Biz zorlugyň, azar bermegiň, gorkuzmanyň we beýleki daşky ýa-da içki howplaryň netijesinde howpsuz we zyýan ýetiriji we rahatsyz ýagdaýlaryň ýok iş ýerini üpjün etmäge çalyşýarys. Işgäriň şahsy maglumatlaryny, abraýyny we mertebesini goramak üçin dürli howpsuzlyk serişdeleri üpjün edilýär we ulanylýar.

**Mejbury Zähmet we Adam Söwdasy**

Biz mejbury zähmetiň islendik görnüşlerini şol sanda hakyna tutulýan zähmeti, baglylyk esasynda ýerine ýetirilýän zähmeti, gulluk edýänleriň zähmetini ýa-da gul zähmetiniň we adam söwdasynyň häzirki zaman görnüşlerini ulanmagy gadagan edýäris.

**Çagalaryň zähmeti**

Biz zyýanly şertlerde işlemegi öz içine alýan işlere 18 ýaşa ýetmedik şahsyýetleri işe almagy gadagan edýäris.

**Iş sagatlary, Zähmet haky we Goşmaça tölegler**

Biz zähmet haky syýasatymyzy işleýän sektorymyzda, ýerli zähmet bazarynda bäsdeşlik saklap bilmek üçin we hereket edýän köpçülikleýin şertnamanyň şertlerine laýyklykda ýöredýäris. Biz alyp barýan işimizi şol sanda zähmet haky, iş sagatlary, bellenilen iş sagadyndan artyk sagatlar we goşmaça tölegler bilen bagly işleri hereket edýän kanunlara laýyklykda ýerine ýetirýäris. Biz işgärlerimiz öz ukyplaryny we endiklerini kämilleşdirip bilmekleri üçin mümkinçilikleri hödürleýäris we ösmäge mümkinçilik berýäris.

**Ýere bolan hukuk we Suw serişdeleri**

Biz ýer we suw ulanylyşy bilen bagly adam hukuklarynyň berjaý edilmezligi nähili oňaýsyz täsirleri ýetirip biljekdigine düşünýäris we ýörite syýasatymyz we çärelerimiz bilen muňa ýol bermeýäris. Biz Daşky Gurşawy Goramak barada Syýasatymyza laýyklykda adamzadyň suw bilen durnukly üpjün edilmegine, howpsuz agyz suwuna, we degişli arassaçylyk çäreleriň ýerine ýetirilmegi bilen ekoulgamlarynyň we jemgyýetiň goralmagyna bolan zerurlygyna düşünýäris.

**Görkezmeler we Işgärleriň hasabat bermegi**

Biz işgärleriň arasynda açyk we päk ýürekli pikir alyşmasyna uly ähmiýet we goldaw berilýän iş ýerleri döretmäge çalyşýarys. CCI işini alyp barýan jemgyýetlerde hereket edýän kanunlary we zähmet kanunçylygyny berjaý etmek borjuny öz üstüne alýar. CCI işgärlerine okuw geçirmek we ýylky attestasiýasyny geçirip olaryň Adam Hukuklar barada Syýasatyny bilmeklerini üpjün edýär.

Eger-de islendik işgär şu syýasatyň ýerli kanunlar, ýa-da işleýän ýeriniň düzgünleri bilen laýyk gelmeýär diýip hasap eden ýagdaýynda, ýa-da şu syýasata degişli soraglary ýüze çykan ýagdaýynda ýa-da syýasatyň bozulmagy barada habar beresi gelýän işgärler bu barada ýerli ýolbaşçylyk toparyna, Işgärler Bölümine, Ýerli Ahlak boýunça jogapkär işgärine ýa-da Baş edarynyň Ahlak boýunça jogapkär işgärine ýüzlenip biler.

Işgärler syýasatyň bozulýandygyna şübhesi bolan ýagdaýynda biziň http://www.cciethicsline.com/ websaýtymyza girip, şu nomere +90 212 371 07 32 jaň edip ýa-da şu cci@cciethicsline.com e-meýl salgysyna ýazyp habar berip biler. Şu syýasat bilen baglylykda öz aladalaryny bildiren işgärlere garşy hiç hili haklaşma ýa-da jezalandyrma çäreleri görülmez. CCI işgärleriň galdyran meseleler boýunça derňew geçirer, seljerer we jogap berer hem-de islendik düzgün bozmalara degişlilikde düzediji çäreleri görer.

Adam Hukuklary barada Syýasat CCI-iň Ahlak Kodeksine laýyk gelýär. Şu syýasaty, şol sanda onuň terjimelerini we degişli maglumatlary CCI-iň internet saýtynda tapyp bolýar: http://www.cci.com.tr

**Jemgyýetçilige habar beriş**

Biz şu Adam Hukuklar barada Syýasata laýyklykda biziň her ýylky Durnuklylyk Hasabatymyzyň bir bölegi hökmünde özümiziň adam hukuklary bilen baglanyşykly borçlarymyz barada jemgyýetçilige habar berýäris.

*CCI şu syýasata islendik wagt düzediş girizmäge hukugyny özünde saklaýar. Şu syýasatyň hiç bir ýerinde CCI bilen onuň işgärleriniň arasynda şertnama baglaşylandygy ýa-da şu programma gatnaşmagy olaryň CCI'da işlemegine kepil bolup durýandygy barada agzalmaýar we aňladylmaýar.*